Ýüz nerwiniň newridi – ýüzüň bir tarapynda ýüzi doly ýa-da bölekleýin ysmazlyga sezewar edýän, sowuklama, ýokanç keseller ýa-da autoimmun bozulmalar sebäpli ýüze çykýan kesel.

Bu keseliň esasy sebäpleri wirusly ýokançlyklar (meselem, gerpes wirusy), stres, bedenň sowuklamagy we ganyň mikrosirkulýasiýasynyň bozulmagydyr.

Keseliň esasy alamatlaryna ýüzüň bir tarapynda ysmazlyk, gözüň doly ýapylmazlygy, agyz burçunyň aşak gaçmagy, dilden suwuň syzmagy we dad duýgusynyň üýtgemegi girýär. Bejergisi steroid dermanlaryny ulanmak, B toparynyň witaminlerini kabul etmek, akupunktura we ýüz myşsalary üçin ýörite maşklar bilen alnyp barylýar.

Ýüz nerwiniň bejergisi wagtynda geçirilse, köp halatlarda ýüzi doly dikeltmek mümkin bolýar.

**Jennet KAKAMYRADOWA**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Nerw keselleri we neýrohirurgiýa kafedrasynyň assistenti**

Все права защищены

save pdf date >>> 13.03.2025